Интернет газета
Международные новости

#184 (206)
среда, 3 июля 2024 года

Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана



# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISI



**28-nji iýunda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere garaldy.**

Döwlet Baştutanymyz mejlisiň gün tertibine geçip, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa söz berdi. Ol ýurdumyzyň kanunçylyk-hukuk binýadyny döwrüň talabyna laýyk getirmek boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi.

Hormatly Prezidentimiz döwrüň talap edýän täze kanunlaryny taýýarlamagyň möhümdigine ünsi çekdi. Döwletimiziň alyp barýan içeri we daşary syýasaty bu kanunlarda öz beýanyny tapmalydyr. Şunuň bilen baglylykda, bu ugurda degişli işleri geçirmegi dowam etdirmegiň zerurdygy bellenildi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow gözegçilik edýän düzümleri tarapyndan milli ykdysadyýetimiziň durnukly ösüşini, ähli pudaklarda oňyn görkezijileri üpjün etmek, ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmak babatda alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, häzirki wagtda ýurdumyzda maksatnamalaýyn özgertmeleriň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň yzygiderli ýokarlanýandygyny belledi we wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Amanow «Türkmennebit» döwlet konsernini zerur bolan önümler bilen üpjün etmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, «Türkmennebit» döwlet konserniniň maddy-enjamlaýyn binýadynyň yzygiderli berkidilýändigini belledi we wise-premýere birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew oba hojalyk pudagynda alnyp barylýan işler, welaýatlarda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň geçirilişi barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, welaýatlaryň ekerançylyk meýdanlarynda möwsümleýin oba hojalyk işlerini agrotehniki talaplara laýyklykda alyp barmagyň möhümdigini belledi we wise-premýere beýleki oba hojalyk ekinleriniň bol hasylyny ýetişdirmek işlerini hem talabalaýyk ýola goýmak barada görkezmeleri berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annamämmedow elektroenergetika pudagynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, möhüm ähmiýetli wezipelere ünsi çekdi we wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Atdaýew ýokary derejede gazanylan ylalaşyklary ýerine ýetirmek maksady bilen kabul edilen 2023 — 2024-nji ýyllar üçin Türkmenistan bilen Özbegistan Respublikasynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek boýunça bilelikdäki çäreleriň Meýilnamasyna («Ýol kartasy») laýyklykda alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, şu ýylyň 15-16-njy iýulynda Daşkent şäherinde bilelikdäki türkmen-özbek toparynyň, işewürler geňeşiniň nobatdaky mejlisleri, «Türkmenistanda öndürilen» atly ýurdumyzyň harytlarynyň milli sergisini geçirmegiň teklip edilýändigi aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, Özbegistan Respublikasynyň biziň ýakyn hyzmatdaşymyz bolup durýandygyny belledi hem-de Söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we medeni hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki türkmen-özbek toparynyň 18-nji mejlisine, Türkmen-özbek işewürler geňeşiniň nobatdaky mejlisine gowy taýýarlyk görmegi tabşyrdy. Ýurdumyzyň harytlarynyň milli sergisini hem guramaçylykly geçirmegiň wajypdygyna üns çekildi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa şu ýylyň iýul aýynda geçiriljek esasy çäreleriň Tertibi barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda ata Watanymyzda köp sanly medeni-durmuş maksatly binalaryň açylyp ulanmaga berilýändigini, beýik ösüşlerimizi beýan edýän dabaraly çäreleriň guralýandygyny belläp, wise-premýere şu ýylyň iýul aýyndaky çäreleri hem ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Amannepesow «Döwlet ylmy-tehniki maksatnamalaryny işläp taýýarlamagyň, ýerine ýetirmegiň we maliýeleşdirmegiň Tertibiniň» taslamasy barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, milli ykdysadyýetimizi ösdürmekde ylym ulgamyna aýratyn ornuň degişlidigini belledi. Nygtalyşy ýaly, ylym ulgamyny dolandyrmak we maliýeleşdirmek işini has-da kämilleşdirmek, hukuk esaslaryny düzgünleşdirmek möhüm ähmiýete eýe bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz wise-premýere bu ugurda degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow howanyň üýtgemegi babatda Türkmenistanyň halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, şu ýylyň 11 — 22-nji noýabry aralygynda Azerbaýjan Respublikasynyň Baku şäherinde Birleşen Milletler Guramasynyň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasyna gatnaşyjy taraplaryň 29-njy maslahaty (COP29) geçiriler. Onuň dowamynda howanyň üýtgemegi bilen bagly meseleleriň giň toplumyna serediler we degişli hasabatlar diňleniler.

Şu ýylyň noýabrynda Bakuwda geçiriljek Howanyň üýtgemegi boýunça ýaşlaryň 19-njy maslahatynyň (COY19) öňüsyrasynda sentýabrda ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda hem-de Aşgabat şäherinde howanyň üýtgemegi boýunça ýaşlar maslahatlaryny guramak teklip edilýär. Mundan başga-da, şu ýylyň noýabrynda paýtagtymyzda BMG-niň howandarlygynda bu guramanyň Azyk we oba hojalyk guramasy, Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy, Bütindünýä azyk maksatnamasy, BMG-niň Çagalar gaznasy bilen bilelikde howanyň üýtgemegi şertlerinde azyk howpsuzlygy boýunça halkara maslahaty guramak baradaky teklip beýan edildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, hödürlenen teklipleri goldady we wise-premýer, daşary işler ministrine degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew «Sanly çözgüt — 2024» atly innowasion taslamalaryň bäsleşigini geçirmäge görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, döwlet Baştutanymyzyň sanly ulgama geçmek, programma üpjünçiligini işläp düzýän we innowasion oýlap tapyşlar bilen meşgullanýan ýaşlary ýüze çykarmak hem-de höweslendirmek boýunça beren tabşyryklaryndan ugur alyp, ýokarda agzalan bäsleşigi geçirmek we onuň jemlerini «Türkmentel — 2024» atly halkara serginiň çäklerinde jemlemek göz öňünde tutulýar.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, beýan edilen teklibi goldady we agentligiň ýolbaşçysyna degişli tabşyryklary berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, hemmelere berk jan saglygyny, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ГЕНЕРАЛ-ГУБЕРНАТОРА КАНАДЫ

Президент Сердар Бердымухамедов направил Генерал-губернатору Канады госпоже Мэри Саймон и всему народу Канады тёплые поздравления и наилучшие пожелания от имени народа и Правительства Туркменистана, а также от себя лично по случаю национального праздника страны – Дня Канады.

Пользуясь этой приятной возможностью, глава государства выразил госпоже Мэри Саймон искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а народу страны – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ БЕЛАРУСЬ

Президент Сердар Бердымухамедов направил от имени народа и Правительства Туркменистана, а также от себя лично сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Беларусь Александру Лукашенко и всему дружественному народу страны по случаю Дня независимости Республики Беларусь.

В своём послании глава государства выразил уверенность, что туркмено-белорусские отношения, основанные на принципах равноправия, взаимного уважения и доверия, будут и впредь неуклонно развиваться и укрепляться в интересах обоих народов.

Пользуясь этой возможностью, Президент Туркменистана адресовал Президенту Александру Лукашенко пожелания крепкого здоровья и счастья, а народу Республики Беларусь – мира, благополучия и процветания.

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI TÜRKIÝE RESPUBLIKASYNYŇ MILLI GORANMAK MINISTRINI KABUL ETDI



2024-nji ýylyň 26-njy iýunynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkiýe Respublikasynyň milli goranmak ministri Ýaşar Güleri kabul etdi.

Myhman duşuşmaga döredilen mümkinçilik üçin hoşallyk bildirip, döwlet Baştutanymyza Prezident Rejep Taýyp Ärdoganyň mähirli salamyny ýetirdi. Bellenilişi ýaly, Türkiýede ýurdumyz bilen köpugurly hyzmatdaşlyga aýratyn ähmiýet berilýär. Bu gatnaşyklar bilelikdäki tagallalar arkaly ýyldan-ýyla anyk many-mazmun bilen baýlaşdyrylýar.

Hormatly Prezidentimiz hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, doganlyk döwletiň Liderine mähirli salamyny beýan etdi hem-de Türkiýe Respublikasy bilen strategik, uzak möhletleýin gatnaşyklary ösdürmegiň Türkmenistanyň daşary syýasatynyň gün tertibinde hemişe ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýandygyny belledi. Döwlet Baştutanymyz dostlukly ýurduň milli goranmak ministriniň Aşgabada iş saparynyň ähmiýetine ünsi çekip, geçirilen gepleşikleriň we duşuşyklaryň bu ulgamda türkmen-türk gatnaşyklarynyň ösdürilmegine täze itergi berjekdigine ynam bildirdi.

Duşuşygyň dowamynda ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hem-de Türkiýe Respublikasynyň milli goranmak ministri ägirt uly mümkinçiliklere eýe bolan ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň geljegi barada pikir alyşdylar. Biziň ýurtlarymyzy baglanyşdyrýan köpasyrlyk dost-doganlygyň häzirki döwürde döwletara hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ilerletmek üçin berk binýat bolup durýandygy bellenildi. Şunuň bilen birlikde, Hökümet wekiliýetleriniň ýygy-ýygydan amala aşyrýan özara saparlary, ýurtlarymyzyň pudaklaýyn edaralarynyň arasynda yzygiderli geçirilýän maslahatlaşmalardyr gepleşikler türkmen-türk gatnaşyklarynyň pugtalandyrylmagyna uly goşant goşýar.

Häzirki wagtda Türkiýe Respublikasy biziň ýurdumyzyň iri söwda-ykdysady hyzmatdaşlarynyň biri bolup durýar hem-de daşary söwda dolanyşygynda öňdäki orunlaryň birini eýeleýär. Şunuň bilen baglylykda, özara gatnaşyklary giňeltmegiň mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Goranmak we harby ulgamda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň netijeli häsiýete eýedigi aýratyn bellenildi. Hormatly Prezidentimiz Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň diňe goranyş häsiýetine eýe bolan Harby doktrinasynyň ýörelgelerine üýtgewsiz ygrarlydygyny nygtady. Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň we beýleki goşunlarynyň şahsy düzüminiň harby hünär ussatlygyny ýokarlandyrmak üçin ähli şertler döredilýär.

Türkmen Watan goragçylary hünärlerini kämilleşdirmek we harby işiň öňdebaryjy usullaryny öwrenmek boýunça Türkiýe Respublikasynda geçirilýän okuwlara gatnaşýarlar. Şeýle hem milli goşunymyzyň maddy-enjamlaýyn üpjünçiligini döwrebaplaşdyrmak, täze tehnologiýalary ornaşdyrmak ulgamynda yzygiderli ýagdaýda tejribe alşylýar. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz we myhman bu ulgamda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmagyň mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşdylar.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow we Türkiýe Respublikasynyň milli goranmak ministri iki doganlyk ýurduň we sebitiň abadançylygynyň, parahatçylygynyň bähbidine däp bolan dostlukly döwletara hyzmatdaşlygyň geljekde-de üstünlikli ösdüriljekdigine ynam bildirdiler.

## THE PRESIDENT OF TURKMENISTAN RECEIVED THE HEAD OF «DAEWOO ENGINEERING & CONSTRUCTION CO., LTD.»



On June 27, 2024, President Serdar Berdimuhamedov received the head of «Daewoo Engineering & Construction Co., Ltd.» Baek Jung-Wan.

Expressing gratitude for the hospitality and the opportunity to discuss topical issues and priority areas for further development of a fruitful business partnership in a personal conversation, the guest conveyed warm greetings to the head of Turkmenistan from the President of the Republic of Korea Yoon Suk Yeol and noted that he was very pleased with the meeting that took place on the eve of the first anniversary of the opening the first «smart» city of Arkadag in the Central Asian region, which has become a symbol of the prosperity and power of sovereign Turkmenistan.

Having warmly greeted the head of a famous company in the Republic of Korea and thanked him for his kind words, the head of state conveyed his best wishes to the top leadership of the friendly country, expressing confidence that the current visit will give a new impetus to the development of bilateral cooperation.

During the meeting, the importance of the state visit of the President of the Republic of Korea Yoon Suk Yeol to Turkmenistan this month was emphasized, as a result of which important agreements and understandings were reached that determined promising areas of joint work.

Among the priority areas were the gas and chemical industries, transport, high technology and investment, as well as many others, where, taking into account the existing potential and opportunities, the application of common efforts seems to be the most effective.

Particular emphasis was placed on the great opportunities of bilateral partnership in terms of creating a new look for Turkmen cities, the participation of companies from the Republic of Korea in the second stage of construction of the unique «smart» city of Arkadag and the implementation of the «Ashgabat City» megaproject.

Korean companies make a great contribution to the development of Turkmen-Korean economic cooperation, President Serdar Berdimuhamedov emphasized, noting their active participation in the implementation of major projects in the country's gas and chemical industries.

In this regard, the head of state highly appreciated the established positive cooperation between the State Concern «Türkmenhimiýa» and the company «Daewoo Engineering & Construction Co., Ltd.», declaring the readiness of the Turkmen side to consider specific proposals from Korean partners for the development of the chemical industry, in particular, the production of phosphorus, ammonia and urea fertilizers.

Noting the availability of good opportunities to expand mutually beneficial partnership in new promising areas, President Serdar Berdimuhamedov wished the head of «Daewoo Engineering & Construction Co., Ltd.» good health, well-being and great success in work.

## TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI, TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY TÜRKIÝE RESPUBLIKASYNYŇ MILLI GORANMAK MINISTRI BILEN DUŞUŞDY

2024-nji ýylyň 26-njy iýunynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Türkiýe Respublikasynyň milli goranmak ministri Ýaşar Güler bilen duşuşyk geçirdi.

Myhman duşuşmaga döredilen mümkinçilik üçin hoşallyk bildirip, Gahryman Arkadagymyza Prezident Rejep Taýyp Ärdoganyň mähirli salamyny ýetirdi hem-de Türkiýede daşary syýasatyny oňyn Bitaraplyk ýörelgeleri esasynda amala aşyrýan Türkmenistan bilen gatnaşyklaryň berkidilmegine uly ähmiýet berilýändigini belledi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Türkiýe Respublikasynyň ýolbaşçylaryna iň gowy arzuwlaryny beýan edip, goranmak ministriniň şu gezekki saparynyň hem-de onuň çäklerinde türkmen kärdeşleri bilen geçiriljek gepleşikleriň ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň giňeldilmegine itergi berjekdigine ynam bildirdi.

Duşuşygyň dowamynda myhman Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygynyň netijeli döwletara dialogy ikitaraplaýyn, köptaraplaýyn görnüşde, sebit we halkara guramalaryň, şol sanda TÜRKSOÝ-nyň çäklerinde ösdürilmegine uly goşant goşýandygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň şu ýylyň martynda geçirilen üçünji Antalýa diplomatiýa forumyna gatnaşmagynyň ähmiýeti nygtaldy. Şunda türkmen halkynyň Milli Lideriniň häzirki zamanyň möhüm meseleleriniň deňagramly çözgüdini işläp taýýarlamak boýunça tagallalaryň birleşdirilmegine, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetilmegine gönükdirilen möhüm başlangyçlaryna aýratyn üns çekildi.

Türkiýäniň milli goranmak ministri hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Permany bilen, Prezident Rejep Taýyp Ärdogana Türkmenistanyň “Hormatly il ýaşulusy” diýen adyň dakylmagynyň bütin türk halky üçin aýratyn buýsançly waka bolandygyny, onuň ýurtlarymyzyň arasyndaky dost-doganlyk gatnaşyklarynyň mizemezliginiň aýdyň nyşanyna öwrülendigini belledi.

Halk Maslahatynyň Başlygy hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, Türkiýe Respublikasynyň Türkmenistan üçin iň ýakyn dost-doganlyk döwlet bolup durýandygyny, ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň uzak möhletleýin, strategik häsiýete eýedigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, häzirki wagtda özara hyzmatdaşlygyň baý tejribesiniň toplanandygyna üns çekildi. Taryhyň synagyndan geçen, köki asyrlara uzaýan bu gatnaşyklar syýasy, ykdysady, medeni-ynsanperwer ugurlarda ileri tutulýan wezipeleriň üstünlikli amala aşyrylmagynyň berk binýadyny emele getirýär.

Söhbetdeşligiň dowamynda Gahryman Arkadagymyz Bitarap Türkmenistanyň diňe goranyş häsiýetine eýe bolan Harby doktrina esasynda parahatçylygy we asudalygy üpjün etmek boýunça toplumlaýyn işleri amala aşyrýandygyny aýtdy. Şunda Milli goşunyň maddy-enjamlaýyn binýadynyň döwrebaplaşdyrylmagyna, serkerdeleriň we esgerleriň söweşjeň taýýarlygynyň ýokarlandyrylmagyna möhüm ähmiýet berilýär.

Türkiýe goranmak senagaty babatda dünýäde öňdebaryjy döwletleriň hataryna girýär. Köp ýyllaryň dowamynda ýurtlarymyzyň arasynda harby ulgamda hyzmatdaşlyk üstünlikli ösdürilýär. Şunuň bilen baglylykda, bu ugurdaky gatnaşyklary mundan beýläk-de giňeltmegiň mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Türkmen halkynyň Milli Lideri türk tarapynyň netijeli tekliplerine seretmäge taýýardygyny tassyklady.

Duşuşygyň ahyrynda Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow we Türkiýe Respublikasynyň milli goranmak ministri iki döwletiň doganlyk halklarynyň bähbidine netijeli hyzmatdaşlygy giňeltmäge üýtgewsiz ygrarlydyklaryny tassykladylar.

## TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI, TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY «DAEWOO ENGINEERING & CONSTRUCTION CO., LTD» KOMPANIÝASYNYŇ ÝOLBAŞÇYSY BILEN DUŞUŞDY



2024-nji ýylyň 27-nji iýunynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow «Daewoo Engineering & Construction Co., Ltd» kompaniýasynyň ýolbaşçysy Bek Jung-Wan bilen duşuşdy.

Gahryman Arkadagymyz myhmany gadymy we myhmansöýer türkmen topragynda mähirli mübärekläp, bu saparyň hyzmatdaşlygyň geljegi barada pikir alyşmak üçin oňat mümkinçilik berjekdigine ynam bildirdi.

Bellenilişi ýaly, Aziýa - Ýuwaş umman sebitiniň ýurtlary, şol sanda dünýäniň ösen döwletleriniň biri bolan Koreýa Respublikasy bilen netijeli gatnaşyklary ösdürmek Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda durýar.

Umumy pikire görä, Koreýa Respublikasynyň Prezidenti Ýun Sok Ýoluň golaýda Türkmenistana amala aşyran döwlet sapary döwletara gatnaşyklaryň taryhynda täze sahypany açdy. Şol saparyň çäklerinde möhüm ylalaşyklar gazanyldy, özara bähbitli hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga, ony täze many-mazmun bilen baýlaşdyrmaga gönükdirilen resminamalaryň ençemesine gol çekildi.

Türkmenistan milli ykdysadyýeti düýpli döwrebaplaşdyrmaga we senagatlaşdyrmaga gönükdirilen toplumlaýyn özgertmeler strategiýasyny durmuşa geçirip, öňdebaryjy, innowasion tehnologiýalary hem-de daşary ýurtlaryň iň gowy tejribesini ornaşdyrmaga aýratyn üns berýär.

Koreý Lideriniň saparynyň çäklerinde türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň we Koreýa Respublikasynyň Prezidenti Ýun Sok Ýoluň gatnaşmagynda Aşgabatda geçirilen Türkmen-koreý işewürlik maslahatynda hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryna gyzyklanma bildirilip ara alnyp maslahatlaşylandygy hem tötänden däldir.

Foruma gatnaşanlar köpýyllyk gatnaşyklary işjeňleşdirmäge özara gyzyklanma bildirip, bilelikdäki işiň geljegi uly ugurlarynyň birnäçesini kesgitlediler. Şolaryň hatarynda nebit we gazhimiýa, energetika ulgamlary, ulag-kommunikasiýa toplumy, logistika, gämigurluşyk, senagat, gurluşyk we infrastruktura, oba hojalygy, innowasion, ekologik taýdan arassa tehnologiýalary ornaşdyrmak ýaly ugurlar bar.

Bu pudaklar bilen bir hatarda, koreý kompaniýalary Arkadag şäherinde lukmançylyk klasteriniň gurluşygyna, giň gerimli «Aşgabat-siti» taslamasyny durmuşa geçirmäge, milli we sebit ähmiýetli beýleki möhüm taslamalary amala aşyrmaga gatnaşmaga aýratyn gyzyklanma bildirýärler.

Şunda ýurdumyzda täze gurulýan desgalaryň netijeliligine, ekologik kadalaryň berjaý edilmegine aýratyn üns berilýändigi nygtaldy. Şeýle-de ylmyň we tehnikanyň soňky gazananlaryny ornaşdyrmaga, daşary ýurt maýasynyň çekilmegine uly ähmiýet berilýär. Şunuň bilen baglylykda, «Türkmenhimiýa» döwlet konserni bilen «Daewoo Engineering & Construction Co., Ltd» kompaniýasynyň arasynda ýola goýlan hyzmatdaşlygyň netijeli häsiýete eýedigi bellenildi.

Duşuşygyň ahyrynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow we «Daewoo Engineering & Construction Co., Ltd» kompaniýasynyň ýolbaşçysy birek-birege berk jan saglyk, abadançylyk, işlerinde uly üstünlikleri arzuw edip, özara bähbitli hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de üstünlikli ösdüriljekdigine ynam bildirdiler.

## Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy bilen Türkiýe Respublikasynyň Prezidentiniň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik

2024-nji ýylyň 29-njy iýunynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdogan bilen telefon arkaly söhbetdeşligi boldy.

Prezident Rejep Taýyp Ärdogan Gahryman Arkadagymyzy doglan güni bilen tüýs ýürekden gutlap, berk jan saglyk,



rowaçlyk, jogapkärli döwlet işinde täze üstünlikleri arzuw etdi hem-de Türkiýe bilen Türkmenistanyň arasynda däp bolan hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagyna uly goşant goşýan Prezident Serdar Berdimuhamedowa mähirli salamyny beýan etdi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri mähirli gutlaglar, hoşniýetli arzuwlar üçin tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirip, Türkiýe Respublikasynyň Türkmenistan üçin iň ýakyn dost-doganlyk döwletleriň biridigini we ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň häzirki wagtda täze many-mazmun bilen baýlaşdyrylýandygyny kanagatlanma bilen belledi. Söhbetdeşligiň barşynda ýurtlarymyzyň ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda işjeň hyzmatdaşlyk edýändikleri nygtaldy. Şunuň bilen birlikde, ýangyç-energetika, ulag-aragatnaşyk pudaklarynda netijeli gatnaşyklary ösdürmek üçin ägirt uly mümkinçilikler bar.

Söhbetdeşligiň dowamynda Gahryman Arkadagymyz şu ýylyň martynda Antalýa diplomatiýa forumyna gatnaşmak üçin Türkiýe Respublikasyna amala aşyran saparyny ýakymly duýgular bilen ýatlaýandygyny belledi. Onuň çäklerinde gepleşikler geçirildi we ylalaşyklar gazanyldy. Şunuň bilen baglylykda, Halk Maslahatynyň Başlygy türkmen wekiliýetine bildirilen myhmansöýerlik, döredilen mümkinçilikler üçin türk Liderine ýene-de bir gezek minnetdarlygyny beýan etdi hem-de Türkmenistanyň ikitaraplaýyn gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmäge, täze many-mazmun bilen baýlaşdyrmaga taýýardygyny tassyklady.

Telefon arkaly söhbetdeşligiň ahyrynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow we Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdogan birek-birege berk jan saglyk, jogapkärli döwlet işlerinde üstünlikleri, iki ýurduň doganlyk halklaryna bolsa rowaçlyk hem-de abadançylyk arzuw etdiler.

## Телефонный разговор между Национальным Лидером туркменского народа, Председателем Халк Маслахаты Туркменистана и Председателем Совета Федерации Федерального Собрания Российской Федерации



29 июня 2024 года состоялся телефонный разговор между Национальным Лидером туркменского народа, Председателем Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедовым и Председателем Совета Федерации Федерального Собрания Российской Федерации Валентиной Матвиенко.

Сердечно поздравив Героя-Аркадага с днём рождения, спикер верхней палаты Парламента России также отметила усилия Национального Лидера туркменского народа по дальнейшему укреплению стратегических межгосударственных отношений и передала тёплые слова приветствия и поздравления от Президента Владимира Путина.

Поблагодарив за тёплые поздравления и добрые пожелания, Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Герой-Аркадаг адресовал ответные наилучшие пожелания высшему руководству Российской Федерации и отметил личный вклад В.Матвиенко в развитие сотрудничества между двумя дружественными странами, последовательно развивающегося на основе принципов взаимопонимания и равноправия.

В ходе обсуждения нынешнего состояния и перспектив двустороннего сотрудничества подчёркивалась значимая роль межпарламентских отношений, являющихся неотъемлемой составляющей туркмено-российского диалога. В данной связи отмечалась важность формата «Центральная Азия–Россия» в последовательном развитии межпарламентского сотрудничества в регионе.

Как подчёркивалось, систематически развиваются торгово-экономические отношения, о чём свидетельствует увеличение товарооборота за последние годы.

Также отмечалось, что в числе важных направлений сотрудничества – культурно-гуманитарные связи, в частности, в сфере образования, науки, здравоохранения и культуры. В данном контексте собеседники подтвердили готовность к активизации взаимодействия в этой области.

В завершение телефонного разговора Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов и Председатель Совета Федерации Федерального Собрания Российской Федерации Валентина Матвиенко выразили уверенность, что межправительственные отношения будут и дальше развиваться на благо процветания народов двух стран, и обменялись пожеланиями крепкого здоровья и больших успехов в ответственной деятельности.

Интернет газета
Международные новости

# TELEPHONE CONVERSATION BETWEEN THE NATIONAL LEADER OF THE TURKMEN PEOPLE, CHAIRMAN OF THE HALK MASLAHATY OF TURKMENISTAN AND THE PRESIDENT OF THE REPUBLIC OF UZBEKISTAN

On June 29, 2024, a telephone conversation took place between the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov and the President of the Republic of Uzbekistan Shavkat Mirziyoyev.

The Uzbek leader cordially congratulated Hero-Arkadag on his birthday, wishing him good health, longevity and success in his multifaceted activities for the further prosperity of Turkmenistan and ensuring the prosperous life of the people. The President of the Republic of Uzbekistan also congratulated the National Leader of the Turkmen people on the anniversary of the opening of the «smart» city of Arkadag, where digital solutions and the latest technologies have been introduced.



The President of a friendly state emphasized that Uzbekistan is proud of the achievements of Turkmenistan in all spheres, and that fraternal and good neighborly relations have been established between the peoples of both countries, going back centuries, and asked to convey warm greetings and best wishes to President Serdar Berdimuhamedov.

Thanking President Shavkat Mirziyoyev for his warm congratulations and good wishes, Chairman Halk Maslahaty noted that Turkmen-Uzbek relations today are acquiring an increasingly dynamic and progressive character, which is distinguished by deep sincerity, equality and openness.

It was emphasized that in recent years, bilateral interaction has reached a qualitatively new level in a wide range of areas.

Continuing the telephone conversation, the interlocutors confirmed their desire to further strengthen fruitful ties in the trade, economic, cultural, scientific and humanitarian fields. There was a willingness to intensify dialogue between political parties and legislative bodies, as well as further encourage direct contacts and mutual exchanges at the local level.

The National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Hero-Arkadag expressed his heartfelt gratitude to the leader of a friendly country for the widespread celebration in the Republic of Uzbekistan of the 300th anniversary of Magtymguly Fragi, a great master of words who made a huge contribution to the treasury of world literature, as well as for the film about the poet and thinker of the East, filmed by special order of the President of the Republic of Uzbekistan.

Having sincerely thanked for the kind words, the head of the neighboring state emphasized that Uzbekistan values the ties of friendship with Turkmenistan, and confirmed his commitment to continue making the necessary efforts to strengthen them.

At the end of the telephone conversation, the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov and the President of the Republic of Uzbekistan Shavkat Mirziyoyev wished each other health and success, and peace, well-being and prosperity to the fraternal peoples of the two countries.

# THE NATIONAL LEADER OF THE TURKMEN PEOPLE, CHAIRMAN OF THE HALK MASLAHATY OF TURKMENISTAN MET WITH THE LEADERS OF KAWASAKI HEAVY INDUSTRIES LTD.

On June 27, 2024, the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov had a meeting with the senior adviser on strategic issues of the Japanese company Kawasaki Heavy Industries Ltd. Tatsuya Watanabe and the executive director of this company, Kenji Sanada.

Welcoming the guests, Arkadag Gurbanguly Berdimuhamedov expressed confidence that the upcoming meetings during the current visit will contribute to the further strengthening of relations between the two states, especially trade and economic ties, wishing success to the negotiations.

As noted, Japan is a long-term strategic partner of Turkmenistan in the Asia-Pacific region. Our countries actively cooperate not only at the bilateral level, but also within the framework of authoritative international organizations, primarily the UN.



It was emphasized that with the company «Kawasaki Heavy Industries Ltd.» Over the years, a fruitful partnership has been established and several large projects have been implemented. Examples of this are the plant for the production of gasoline from natural gas in Ovadandepe, the urea plant in Mary velayat, and the Kelyata cement plant.

Along with the work at full capacity of the commissioned facilities and taking into account Turkmenistan's big plans for the production and processing of natural gas, new opportunities are emerging for the development of bilateral cooperation.

Expressing readiness to consider proposals from Kawasaki Heavy Industries Ltd. on the further development of the bilateral partnership, Hero-Arkadag expressed confidence in the continuation of fruitful interaction.

The businessmen, in turn, emphasized the desire of the company they represented for long-term cooperation with our country, noting that Japanese business circles show great interest in the promising Turkmen market, where favorable conditions have been created for business promotion, and are ready to provide experience and the latest technological developments.

At the end of the meeting, the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov thanked the businessmen for their contribution to the development of Turkmen-Japanese cooperation.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

***Туркменистан представлен на Международном форуме по инвестициям в здравоохранение в ЦА в Бишкеке***

Представители Министерства здравоохранения и медицинской промышленности Туркменистана приняли участие в первом Международном форуме по инвестициям в здравоохранение в Центральной Азии в Бишкеке. Форум также прошел с участием экспертов из Кыргызстана, Казахстана, Таджикистана и Узбекистана, а также представителей Всемирной организации здравоохранения

Участники форума поделились передовым опытом и инновационными стратегиями инвестиций в здравоохранение, изучили прогрессивные подходы для расширения доступа к первичной медико-санитарной помощи, смягчения последствий изменения климата, повышения готовности к чрезвычайным ситуациям.

Значимым результатом форума стало подписание Итогового заявления, в котором отражена коллективная приверженность развитию инноваций, улучшению показателей здоровья и привлечению устойчивых инвестиций в сектор здравоохранения.

***Состоялась церемония возложения цветов к памятнику Махтумкули Фраги в Анкаре***

27 июня 2024 года Посольством Туркменистана в Турецкой Республике была организована церемония возложения цветов к памятнику великого туркменского поэта Махтумкули Фраги, установленному в живописном парке «Туркменистан» в центре Анкары.

В мероприятии принял участие заместитель министра культуры и туризма Турецкой Республики Надир Альпаслан, руководители различных министерств и ведомств Турции, Послы ряда стран, аккредитованных в Турции, известные литераторы, общественные деятели, представители туркменской диаспоры, СМИ и студенческая молодежь.

В своих выступлениях участники отметили гуманистический посыл и огромный вклад творчества Махтумкули Фраги в обогащения сокровищницы мировой литературы и понимания ценностей туркменского народа.

***Представители СМИ Туркменистана приняли участие в тренинге по Целям устойчивого развития***

27-28 июня в Научно-методическом центре по Целям устойчивого развития Института международных отношений МИД Туркменистана состоялось проведение тренинга с участием представителей СМИ, расположенных в Ашхабаде и городе Аркадаг.

Специалисты представительства ООН в Туркменистане проинформировали участников встречи о каждой из 17 целей устойчивого развития (ЦУР) и последних успехах, достигнутых в нашей стране.

Также в ходе мероприятия обсуждались инициативы и опыт взаимодействия Туркменистана с международными организациями по продвижению устойчивой энергетики, повышению качества образования, обеспечению здорового образа жизни, благополучия и достойных условий жизни населения.

***Туркменская делегация участвовала в региональной конференции по правам женщин в Вене***

Туркменская делегация приняла участие в региональной обучающей конференции на тему «Национальные планы по проблемам женщин, мира и безопасности», состоявшейся 28 июня в Вене, Австрия.

На встрече обсуждались вопросы, связанные с разработкой, реализацией и модернизацией национальных планов действий по Резолюции Совета Безопасности ООН «Женщины, мир и безопасность».

В ходе конференции были проведены консультации по теме обеспечения прав женщин и расширения их возможностей, повышения их роли в обеспечении мира и безопасности, сообщается на сайте Меджлиса Туркменистана.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***